# Toý sähedi bellendi / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Toý sähedi bellendi / ýumoreska

TOÝ SÄHEDI BELLENDI

– A gyz, bütüki ''Akyşyň sakgalyny'' çyzaýaly-da.
– Ýaňy ''Jemalyň burnuny'' aýyrdym, besdir şol.
– Beý diýmesene, gyz, men-ä ýeke o däl, ''Atabaýyň dişini'' aýraýsaň diýjek bolup otyryn.
– Siz-ä ýüz berilse, halys ýüzin düşer edýäňiz muny.
Ýigit tarapynyň wekilleri aýal naýynjar gürledi:
– Oňuşaýaly-da, guda jan.
– Ýeri bolýa-la, ''guda jan, guda jan'' diýýäň-de ugymy ýekeläýýaň-dä. Şol ýaňky diýen iki haladyň üstünem çyzsaň çyz welin, aşak ýüzündäki ''Jimi-jimi'' bilen işiň bolmasyn…
Gudaçylyk gyzdy. Spisokdaky salgyt salnan halatlaryň üstünden bir çyzyldy, bir ýazyldy. Ahyrynam iki tarap ylalaşyga geldim etdi. Indiki nobat pulunyňkydy.
– Ylaýjak on bäş müň.
– Goýaweri, guda jan, bäş ýagşy, on ýagşy, soňky bäşiň nämedi?!
– On müňä öz salgydymyz, bäş müňem diplom haky.
– Köp bolmaýamy, guda jan.
– Bäş ýyllap okatdyk, her ýylyna müňje manat, onsoň niresi köp bolýarmyşyn onuň…
– Onyňam dogrudyr welin, gel, şony üç edäýeli-le.
– Aýdýanyň näme gyz. Iki sany üç müň-ä giriş ekzamenine-de gitdi şonuň…
Çekeleşik eslije wagta çenli dowam etdi. Iň soňunda gyz tarapy diplom hakynyň ujundan müň manadyny aýyrmaly boldy. Şondan soň toýuň sähedini öňdäki däl-de, ondan aňyrdaky ýekşenbe gününe bellediler.

Arslan MÄTEROW.

"OWADAN" žurnaly, 1992 ý.

Satiriki hekaýalar